# Baharyñ bir günüdi…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Baharyñ bir günüdi… BAHARYÑ BIR GÜNÜDI…

Baharyñ bir güni,
Seýl edip ýördüm,
Gülleriñ içinde bir gunça gördüm,
Juda päkizedi, ýolmaga dözmän,
Soñ bir güne goýup, agraltdym derdim.

Güýzüñ başlarydy,
Men baga girdim,
Şahada enaýy bir nowça gördüm,
Höwesimiñ garşysyna gitdim-de,
Soñ bir güne goýup, agraltdym derdim.

Gyşdy,
Ýapynjasyn çekip ak gardan,
Gizlenen zemine syn edip durdum,
Ak gara ýuwunmak höwesim bardy,
Soñ bir güne goýup, agraltdym derdim.

Soñ bir gün…
Tapmadym, nirede gunça?
Eräp bişip, ýere düşüpdir nowça,
Gar suw bolup, ene ýere siñipdir,
Gör, sen bu durmuşyñ ýollary inçe.

Bir gezek berilýär,
Ynsana ömür.
Bir gezek,
Bir gezek,
Bir gezek jebir…

Ýegendurdy NURMEDOW. Goşgular